# Edebiýat arkaly akmaklaşdyrmak

Category: Edebi tankyt,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Edebiýat arkaly akmaklaşdyrmak

EDEBIÝAT ARKALY AKMAKLAŞDYRMAK

*"Orhan Pamuk täze roman ýazmaga başlandygyny aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanynyñ ýarsyna ýetendigini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanyny ýakynda çap etdirjegini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanyny 2017-nji ýylda çap etdirjegini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanyny 2020-nji ýylda çap etdirjegini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanyny 2021-nji ýylda çap etdirjegini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanynyñ tanyşdyryş wideoroligini çykardy."*
*"Orhan Pamugyñ täze romany üçin çeken çyzgylary metbugata syzdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanynyñ kitap sahabyny özi taýýarlady."*
*"Orhan Pamuk täze romany üçin interwýu bermäge başlady. Ol gijem bolsa, Aýasofýa çekişmelerine goşuldy."*
*"Orhan Pamuk her eserinde bolşy ýaly, Gündogar-Günbatar gapma-garşylygyny suratlandyran täze* ***"Çuma gijeleri" ("Veba Geceleri")*** *romanyna häzirki pandemiýa döwründen has ir başlandygyny aýtdy. Orhan Pamuk täze romanynyñ sýužetlerini otuz ýyl bäri añynda aýlap ýörendigini aýtdy."*
*"Orhan Pamuk täze romanynyñ üstünde üç ýarym ýyl bäri işläp ýörendigini aýtdy."*
Orhan Pamuk… Orhan Pamuk… Orhan Pamuk…
Orhan Pamugyñ metbugatdaky mahabat darbazlygyny örän gowy oýnaýarlar.
Heniz onuñ romany çaphana stanogyndan çykmanka är-aýal **Rasim Ozan Kütahýaly** bilen **Nagehan Alçynyñ** öýünde düşürilen surat

arkaly internete syzdyryldy. Adatça bolşy ýaly uly dowul turdy. PR-yñ gowusy-erbedi bolmaz, şeýle dälmi? Çeper edebiýat "satlyga" çykarylýar we onuñ nyrhy mediýada ýer alşyna görä kesgitlenilýär.
Men häzir "Çuma gijeleri" romanyndan däl-de, başga bir kitapdan söz açmak isleýärin.
Şu ýerde "onda makalañ başyny nämüçin mundan başladyñ?" diýmegiñiz mümkin. Munuñ aýratyn bir sebäbi bar…

## ■ MRU-nyñ FONDLARY

Tankytçy **Taýlan Kara**…
Onuñ üç tomluk **"Edebiýat arkaly akmaklaşdyrmak we pelsepe arkaly çökertmek"** kitabynyñ sahypalaryny ýekän-ýekän waraklap, pikir berip, netije çykaryp okadym…
Taýlan Karanyñ ady öñem maña nätanyş däldi, ýöne onuñ ýazýan zatlaryny ünsli we jikme-jik okamandym. Kitabyñ sahypalaryny warakladygymça haýran galdym. Telefona ýapyşdym, jañ edip oña minnetdarlygymy bildirdim. Hatda **Odatv**-de çykyş etmegi towakga etdim. Ol "Siziñ başyñyzy bela sokasym gelenok" diýdi. **Edebiýat lobbileriniñ** täsirinden-güýjünden söz açdy. Olar tankytçynyñ her ýazgysyna diýen ýaly päsgelçilik çykarypdyrlar…
Çünki, onuñ makalalarynda dogruçyl we möhüm kesgitlemeler bar:
Ol Orhan Pamuk ýaly **"üçünji dünýä ýurdunyñ"** ýazyjylary yzygiderli **"Gündogar-Günbatar gapma-garşylygyny"** ýazmak bilen, Günbataryñ medeni akymyna nädip girendiklerini birin-birin suratlandyrýar.
Mysal üçin, olaryñ "kitaplarynyñ daşky sahabynda hökman metjit motiwi bar!" Munuñ Aýasofýany añladýandygyny duýmak kyn däl. (Häkimiýetiñ hiç bir antidemokratik gysyşyna garşy sesini çykarmadyk Orhan Pamugyñ iñ soñky romany çykanda Aýasofýa çekişmesine goşulmagyna şu nukdaýnazardanam bir seredip görüñ!)
Diñe kitap sahaby bilen Günbataryñ medeni gegemoniýasyna girilmeýär. Sizi **MRU-nyñ (CIA) "medeni bölüminiñ" fondlary** hem goldamaly. Siziñ kisäñize hem-ä pul dykýarlar, hemem **"Halkara**

**ýazyjylyk programmasyna"** görä "ýetişdirýärler"…
Dem salymda depäñize Günbatar metbugatyndan **"Gündogaryñ Kafkasy"** diýen öwgüler ýagyp başlaýar… Kitaplaryñyz yzly-yzyna Günbatar dillerine terjime edilýär…
Günbatar muşdagy bolan häzirki **"tanzimat münewwerleri"** bu **"rol model ýazyjylary"** diñe edebiýatçy däl, eýsem, her sözünde ummasyz many-mazmun bolan **"syýasatşynas alym"** hökmünde köpçüligiñ añyna siñdirmäge jan ederler…
Ýöne…

## ■ ALÝANAM-BERÝÄNEM ŞOBIR ADAMLAR

Taýlan Kara kitabynda edebiýat baýraklarynyñ emin agzalarynyñ üstünde ýörite durup geçýär.
Sany ýigrimi üçe ýetýän edebiýat baýraklarynyñ saýlap-seçiji toparynyñ on altysyna Dogan Hyzlan **başlyklyk edýär!**
Näme bolup geçýärkä o taýlarda?
Meselem… **"Duygu Asena"** baýragy saýlap-seçiji toparyñ emin agzasy bolan **Ipek Çalyşlara** berilýär!
Meselem… Şygryýet boýunça **Behçet Nejatigil adyndaky baýrak** saýlap-seçiji toparyñ emin agzasy **Hilmi Ýawuzyñ** ogly **Aly Hikmete** berilýär!
Meselem… "TÜYAP" Stambul kitap sergisiniñ geñeş agzalarynyñ başlygy Dogan Hyzlan özüne **"hormatly ýazyjy"** adyny berdirýär!
Meselem… **Ýunus Nadi adyndaky baýragy** 2002-nji ýyldan 2018-nji ýyla çenli on ýedi ýylyñ on dördünde **"Can"** neşirýatyndan çykan eserler baýrak alýar. Bolup biler. Emma baýragy berýän bäş emin agzasynyñ dördi "Jan" neşirýatynyñ ýazyjylaryndan!
Gepimi süýndürip durjak däl… Edebiýat dünýäsini soñky kyrk ýylda **neoliberal populizm** bilen juda hapaladylar…
Taýlan Kara şeýle diýýär:
*"Bu jemgyýetiñ togsanynjy we 2000-nji ýyllarda başdan geçirenlerine "intellektual terakt" diýse bolar. Bu jemgyýetde akyl-paýhas uzak wagtlap dowam eden teraktyñ pidasy boldy. Jemgyýetimize by edip ýören diýdimzorlyklaryby az görýän ýaly, iñ soñky derejede maksatnamalaýyn we sistematiki idelogik terakty hem amala aşyrdylar. Total eden-etdiligiñ yzasy az*

*wagtlaýynam bolsa ideologik diýdimzorlugyň täsirleri uzak wagta çekýär we hatda hemişelik galýar. Şu günki günüň jemgyýetçilik, medeni, sungat ulgamy bu sistematiki diýdimzorlugyň gönüden-göni miwesidir…*"
Taýlan Kara ýaly polat galamlylara mätäçlik duýýas!

Soner ÝALÇYN.

"SÖZCÜ" gazeti, 26.03.2021 ý.

Edebi tankyt